# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**Annaberdi Bäşimow,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty*

# HALKARA HUSUSY HUKUGYNDA WE TÜRKMENISTANYŇ KANUNÇYLYGYNDA ZÄHMET-HUKUK GATNAŞYKLARYNA DEGIŞLI DÜZGÜNLER

Zähmet hukugy guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalarda, guramalarda, edaralarda, şeýle hem baglaşylan zähmet şertnamasynyň şertlerinde aýry-aýry adamlaryň hojalygynda işleýän adamlaryň zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň jemi bolup durýar. Şeýlelikde, jemgyýetçilik-zähmet gatnaşyklary, ýagny adamlaryň gös-göni işi bilen baglanyşykly zähmet prosesinde, işi ýerine ýetirmekde ýüze çykýan gatnaşyklar zähmet hukugynyň predmeti bolup durýar. Zähmet kanunçylygynyň esasy wezipeleri raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin zerur durmuş-hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden, ykdysady ösüşi gazanmaga, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, zähmet bazarynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge, işgärleriň, iş berijileriň, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasynda durmuş hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen zähmet gatnaşyklaryny, şeýle hem zähmet bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybarat bolup durýar.

Halkara hukuk tejribesine ser salsak, adamyň zähmete bolan hukugy ilkinji gezek 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen “Adam hukuklary hakynda ählumumy Jarnamasynda” berkidilendir. Şeýle hem 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda kabul edilen “Ykdysady, medeni we durmuş hukuklar hakynda Halkara Ylalaşygynyň” 6-njy maddasynda: “Döwlet her bir adamyň özüniň erkin seçip alýan we erkin ylalaşýan zähmeti bilen özüniň ýaşamagy üçin gazanmaga mümkinçilik almak hukugyny öz içine alýan zähmet üçin hukugyny ykrar edýär” diýip bellenýär. Mundan başga-da zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalary özünde saklaýan halkara hukuk namalarynyň ýene biri 1966-njy ýylda kabul edilen “Raýat we syýasy hukuklar hakynda Halkara Ylalaşygydyr”. Agzalan Ylalaşygyň 8-nji maddasynda: “Hiç kim mejbury ýa-da hökmany zähmete mejbur edilmeli däldigi hakynda düzgünler bardyr” diýip bellenýär.

Halkara zähmet gatnaşyklary babatynda birnäçe alymlaryň garaýyşlary beýan edilýär. D. K. Bekýaşewiň pikirine görä, zähmet gatnaşyklary düşünjesi iş bilen üpjünçilik, zähmet şertleri, işgärleriň hukuklarynyň ýerine ýetirilmegi, işgärleriň durmuş üpjünçiligi bilen bagly meseleleri öz içine alýar [5, 113 s.]. Zähmet hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän halkara hukuk namalaryny birnäçe toparlara bölmek bolar:

– BMG tarapyndan kabul edilen halkara hukuk namalary;
– halkara zähmet guramasy tarapyndan kabul edilen halkara hukuk namalary;
– dürli häsiýetli döwletara ylalaşyklar.

Agzalan hukuk namalaryndan başga zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk namalar özüniň mazmuny taýdan birnäçe toparlara bölünýärler:

– zähmet çygrynda raýatyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramaklygy amala aşyrýan resminamalar;
– iş bilen meşgullygy üpjün etmek we işsizlikden goramaklyga degişli resminamalar;
– zähmet şertlerini düzgünleşdirmeklige we tehniki howpsuzlygy hem-de önümçilik sanitariýasyna degişli resminamalar;
– ýokary hukuk goragyna mätäç adamlaryň aýratyn toparynyň zähmetini düzgünleşdirmäge degişli resminamalar;
– işgärleriň, iş berijileriň, döwlet edaralarynyň hyzmatdaşlygyny we zähmet jedellerini parahatçylykly çözmekligi düzgünleşdirýän resminamalar we beýlekiler.

Hususan-da, Halkara zähmet guramasynyň “Assosiasiýalarynyň erkinligini we olary guramaga bolan hukugy goramak hakynda” (1948), Halkara zähmet guramasynyň “Köpçülikleýin şertnamalary guramaga we baglaşmaga bolan hukuk hakynda” (1949), Halkara zähmet guramasynyň “Işe kabul etmek üçin iň az ýaş hakynda” (1973), Halkara zähmet guramasynyň “Halkara zähmet kadalaryny ulanmaga ýardam etmek üçin üçtaraplaýyn maslahatlar hakynda” (1976) konwensiýalary we ş.m. mysal getirmek bolar [2].

Zähmet hukuk gatnaşyklaryny halkara derejesinde düzgünleşdirilmegini üpjün edýän halkara guramalaryň biri Halkara zähmet guramasydyr. Halkara zähmet guramasy 1919-njy ýylda Wersal parahatçylyk şertnamasyna laýyklykda, Milletler Ligasynyň ýanynda döredildi. Guramanyň Düzgünnamasy 1901-nji ýylda Bazel şäherinde döredilen zähmet kanunçylygynyň Halkara assosiasiýasynyň tejribesine esaslanýar. 1946-njy ýylda BMG-niň we Halkara zähmet guramasynyň arasynda hyzmatdaşlyk barada ylalaşyga gol çekildi we Halkara zähmet guramasy BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasynyň hukuk ýagdaýyny ilkinji alan halkara gurama boldy. Gurama durmuş we zähmet meseleleriniň giň toplumyny – doly işliligiň üpjün edilmegi, zähmet şertleriniň gowulandyrylmagy, kärdeşler arkalaşyklarynyň işi, hünär boýunça okuw, zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk, hünär bilen bagly kesellere garşy göreşmeklik, zähmetkeşleriň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagy, olaryň aýry-aýry toparlarynyň (aýallaryň, göçüp-gonup ýören işçileriň we ş.m.) ýagdaýlary, durmuş üpjünçiligi ýaly meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürýär. Türkmenistan 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabryndan bäri Halkara zähmet guramasynyň agzasydyr. Şu geçen döwrüň içinde ýurdumyz Halkara zähmet guramasynyň ençeme, şol sanda işe kabul edilmek üçin pes ýaş hakynda; birmeňzeş zähmet üçin erkekleri we aýallary deň sylaglamak hakynda;

assosiasiýalaryň erkinligi we gurama bolan hukugyň goragy hakynda; gurama bolan hukuk we köpçülikleýin şertnamalaryň baglaşylmagy hakynda; mejbur ediji zähmeti ýatyrmak hakynda; zähmet we okuw çäginde hukuklaryň kemsidilmegi ýaly resminamalaryny tassyklady.

Zähmet hukugynyň kadalaryny işläp taýýarlamak baradaky synanyşyklar ilkibaşda XIX asyryň başlarynda ýüze çykypdyr. Halkara zähmet hukugynyň hukuk düzgünleşdirmesi baradaky ilkinji pikirler iňlis senagatçysy Robert Ouen, fransuz ykdysatçysy Žeroma-Adolf Blank we belgiýaly Eduard Dýuspet tarapyndan öňe sürlüpdir. Ýöne halkara zähmet hukugynyň kadalaryny döretmekligiň ulgamlaýyn usuly Dawid Legrana degişlidir. Ol 1840–1855-nji ýyllar aralygy Ýewropanyň öňdebaryjy döwletleriniň (Fransiýa, Şweýsariýa, Beýik Britaniýa, Russiýa Federasiýasy) hökümetlerine zähmet kanunçylygyna degişli reformalaryň geçirilmegi işçi synpyň hukuklaryna gös-göni täsir etjekdigi baradaky pikirler bilen birnäçe gezek ýüz tutupdyr. Fransiýanyň we Germaniýanyň parlamentleri tarapyndan hem zähmet hukugynyň kadalaryny döretmek baradaky teklipler orta atylypdyr. Fransuz alymy D. Legran halkara zähmet hukugynyň kadalaryny, ýagny işçiler synpynyň agyr zähmetini, işe kabul edilende iň pes ýaşy baradaky kadalary ýuridik esasda berkitmek isläp, 1844-nji ýylda Halkara zähmet kodeksini kabul etmek baradaky başlangyç bilen çykyş edipdir. Onuň pikirleriniň arasynda 12 sagatlyk iş gününi we gijeki wagtlarda işleriň ähli görnüşlerini gadagan etmeklik baradaky pikirler hem bolupdyr. 1843-nji ýylda belgiýaly jenaýat hukugy boýunça hünärmen, senagat gatnaşyklaryny öwreniji Eduard Dýuspet senagat kärhanalarynda işleýän ýaşlaryň fiziki we ruhy ýagdaýlaryna degişli kadalary halkara zähmet hukugynyň çäklerinde işläp taýýarlamak baradaky başlangyçlar bilen çykyş edipdir.

Zähmet hukuk gatnaşyklarynda iş wagtyny düzgünleşdirmek we zähmet hakynyň möçberini kesgitlemek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Iş wagtyny düzgünleşdirmek, işçi güýjüni ýygnamaklygy düzgünleşdirmek, işgärleri keselden, hünär keselinden we betbagtçylykly ýagdaýlardan goramak, maýyplary, ýetginjekleri we aýallary goramak, maýyplygy we garrylygy bilen bagly kömek puluny bellemek, beýleki döwletlerde işleýän işgärleriň bähbitlerini goramak, deň zähmet çekenligi üçin deň zähmet hakynyň berilmelidigi ýörelgesini ykrar etmek we ş.m. Halkara zähmet guramasynyň Düzgünnamasynyň esasy maksady bolup durýar [6].

Zähmet şertnamasynyň baglaşylan ýeriniň kanuny, iş ýeriniň, iş berijiniň bolýan ýeriniň kanuny, deňiz gämisindäki baýdagyň kanuny zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy kollizion baglanyşyklar hökmünde çykyş edýär [4, 77 s.]. Türkmenistanda iş ýeriniň kanuny esasy kollizion baglanyşyk hökmünde çykyş edýär. Iş ýeriniň kanuny latyn dilinde “lex loci laboris” adalgasy bilen düşündirilýär. Zähmet gatnaşyklarynyň düzgünleşdirmesinde haýsy kadalaryň ulanylmalydygy

bilen bagly sorag ýüze çykan halatynda agzalan ýörelge ulanylýar. Agzalan ýörelge işgäriň iş ýeriniň ýerleşýän ýeriniň kanunynyň ulanylmalydygyny aňladýar.

Halkara hukugyna laýyklykda "ilat" düşünjesi raýatlary, raýatlygy ýok adamlary we daşary ýurt raýatlaryny öz içine alýar. Raýatlygy ýok adamlaryň we daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistandaky zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň Zähmet Kodeksinde, "Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarda we halkara şertnamalarynda berkidilen kadalara laýyklykda düzgünleşdirilýär.

Zähmet kanunçylygynda berkidilýän hukuk kadalary döwletimiziň zähmet hukuk gatnaşyklarynyň esas goýujy ýörelgelerini özünde jemleýär we raýatlaryň bu çygyrdaky hukuklaryny hem azatlyklaryny pugtalandyrýar. Bu hukuklary durmuşa geçirmek babatda döwlet tarapyndan berilýän kepillikleriň üpjün edilmegine ýardam edýär. Konstitusion kadalardaky raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga bolan hukugy raýatlaryň esasy hukuklarynyň biri bolup, ol her bir raýatyň kanun boýunça gadagan edilmedik işiň haýsy görnüşini saýlap alýandygyna garamazdan, ony erkin saýlap almaga, şeýle hem olaryň öndürijilik we döredijilik zähmeti dogrusynda öz ukyplaryna hem zehinine erkin erk etmäge bolan hukugydyr. Zähmet çekmäge bolan hukuk – bu her bir raýatyň öz islegine görä islendik iş bilen meşgullanmaklyga bolan hukugy. Esasy Kanunymyzda görkezilýän sagdyn hem howpsuz zähmet şertleri bolanda, munuň özi, hukuk, sosial-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitar-gigiýeniki, bejeriş-profilaktiki (öňüni alyş) çäreleriniň we serişdeleriniň ulgamy bolup, adamyň zähmet çekmeginiň yzygiderliliginiň dowamynda onuň howpsuzlygyny, saglygyny we işe ukyplylygyny goramagyň üpjün edilmegine düşünilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 33-nji maddasynyň 2-nji bölegindäki kadada hakyna durup işleýän adamlar diýlende belli bir edaranyň, kärhananyň, guramanyň işgärler düzümine girýän we girmeýän, şol edaranyň hem kärhananyň ýolbaşçylary ýa-da şahsy adamlar bilen belli bir işi ýerine ýetirmeklik barada resmi ýa-da dil üsti bilen baglaşylan şertnamanyň esasynda hakyna durup işleýän adamlara düşünilýär. Bu maddada berkidilýän hukuk kadasy adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem-de hiline laýyklykda, hak almaga hukugyny kepillendirilýär. Öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyklykda, hak almak adamyň hut özüniň goşan zähmet goşandyna hem-de zähmetiniň hiline baglylykda töleg almaga degişli. Şonda zähmet hakynyň möçberiniň iň ýokary çägi diýen çäk goýulmaga degişli däldir. Işgäriň aýal-erkekligine, ýaşyna, jynsyna, milletine, dine garaýşyna, jemgyýetçilik birleşiklerine degişlidigine garap, zähmet hakynyň möçberiniň nähilidir birhili peseldilmegi kanun tarapyndan gadagan edilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilişi ýaly, bu hakyň möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden aşakda bolmaly däldir. Iň pes oňalga derejesi diýlende, adamyň ýaşamagy üçin gerek bolan ýaşaýyş serişdeleriniň

iň pes (minimal) derejesine düşünilýär. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 110-njy maddasynyň 5-nji bendine laýyklykda, degişli döwür üçin bellenen iş wagtyny doly işläp hem-de özüniň zähmet borçlaryny ýerine ýetiren işgäriň, aýda alýan zähmet haky bellenen iň pes zähmet hakyndan az bolup bilmez. Tölenilýän goşmaça haklar we goşmaçalar, şeýle hem baýraklar, beýleki höweslendiriş pul sylaglary iň pes zähmet hakynyň möçberine girizilmeýär.

Türkmenistanyň Zähmet Kodeksine laýyklykda, Kodeksiň täsiri Türkmenistanyň çägindäki zähmet we onuň bilen baglanyşykly gatnaşyklara degişlidir. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça düzgünler göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi Türkmenistanyň çäginde zähmet şertnamasyny baglaşan ähli iş berijiler we işgärler babatynda ulanylýar. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksinde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen zähmet hukugynyň kadalary, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly raýatlaryň, raýatlygy ýok adamlaryň, halkara guramalarynyň işgärleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşen daşary ýurtly ýuridik ýa-da fiziki şahslar döredijileri ýa-da eýeleri (doly ýa-da kem-käsleýin) bolup durýan kärhanalaryň işgärleriniň zähmet gatnaşyklaryna degişlidir [1, 5-nji madda].

Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň raýatlary üçin zähmet kanunçylygynda bellenilen esaslarda we tertipde Türkmenistanyň çäginde zähmet, telekeçilik we girdeji getirýän beýleki görnüşli işleri amala aşyryp bilerler [3, 12-nji madda].

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. – A., 2009.

2. Halkara zähmet guramasynyň Assosiasiýalarynyň erkinligini we olary guramaga bolan hukugy goramak baradaky konwensiýasyny tassyklamak hakynda Türkmenistanyň Mejlisiniň №197-1 belgili Karary. 1996.

3. Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – A., 2021.

4. *Рузакова О. А.* Международное частное право. Московская финансово-промышленная академия. – М., 2005.

5. *Бекяшев Д. К.* Международное трудовое право. Публично-правовые аспекты. – М., 2013.

6. Halkara zähmet guramasynyň Düzgünnamasy: https://www.ilo.org/wcmsp5/groups/public/@ed_norm/@relconf/documents/genericdocument/wcms_405835.pdf.